## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

**— BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRÜNDE TÜRKMENISTAN GÜLLÄP ÖSÜŞIŇ, ABADANÇYLYGYŇ MEKANYNA ÖWRÜLÝÄR. WATANYMYZYŇ HALKARA ABRAÝY TÄZE BELENTLIKLERE GÖTERILIP, IÇERI WE DAŞARKY SYÝASATYMYZ DÜNÝÄ BILELEŞIGINDE GIŇ GOLDAWA EÝE BOLÝAR.**

BIZIŇ HUKUK DÖWLETIMIZDE KANUN MIZEMEZDIR WE ÄHLI ZATDAN ILERI TUTULÝANDYR.

# ADALAT

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

№ 34 (1490)

2025-nji ýylyň

22-nji

awgusty,

anna.




# ÇAGALARYŇ BAGTYÝARLYGY ASUDALYGYŇ HÖKMÜROWANLYGYDYR

*Şu günler paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda «Kids EXPO: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkasy hereket edýär. Bu giň gerimli gözden geçirilişde çagalar üçin harytlar we hyzmatlar pudagynda iş alyp barýan ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň kompaniýalary öz önümlerini görkezýärler.*

Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda: «Çagalaryň abadan hem-de bagtyýar durmuşyna gönükdirilen tagallalar, ilki bilen, Watanymyzyň geljekki ykbaly, onuň mynasyp hem-de nurana ertiri üçin biziň belent jogapkärçilik çekýändigimizden gelip çykýar» diýip ýazmak bilen, ýaş nesil babatdaky döwlet syýasatymyza aýdyňlyk berýär. Bagtyýar durmuşda ýaşaýan çagalaryň şatlykly gülküleri ýurdumyzyň abadançylygynyň, döwletimiziň häzirki we ertirki gününe bolan ynamyň nyşanydyr. Olaryň şadyýan gülküsi — parahatlyk, bagtyýarlyk nagmasy bolup, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe has-da belentden ýaňlanýar. Ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän syýasat, şeýle hem ýörite maksatnamalar çagalaryň doly derejeli dynç almaklaryna, okamaklaryna, döretmeklerine, olaryň bilimli, ylymly, beden taýdan sagdyn, Watana wepaly şahsyýetler bolup ýetişmeklerine gönükdirilendir. Her ýylda geçirilmegi däbe öwrülen «Kids EXPO: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkasy hem bu ugurda amala aşyrylýan işleriň biridir. Ýeri gelende bellesek, sergi-ýarmarkanyň ekspozisiýalarynda çagalar we ýetginjekler üçin niýetlenilen, ösüşe ýardam berýän oýunlaryň, neşir önümleriniň, okuw esbaplarynyň, egin-eşikleriň, sport, elektron harytlaryň we beýleki ýokary hilli, ekologik taýdan arassa önümleriň dürli görnüşleri görkezilýär. Şeýle hem sergi-ýarmarkanyň çäklerinde çagalar üçin dürli ugurlarda ussatlyk sapaklary, bäsleşikler guralýar, innowasion işläp taýýarlamalar, täzelikler bilen tanyşdyrylýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Kids EXPO: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarka gatnaşyjylara iberen Gutlagynda: «Bu sergi-ýarmarka çagalar üçin özboluşly baýramçylyk çäresine öwrüler, ussatlyk sapaklaryna, bäsleşiklere gatnaşmak arkaly başarnyklaryny artdyrmak üçin gyzykly we ajaýyp meýdança bolup hyzmat eder. Bu bolsa ata-babalarymyzyň iň gowy zatlary çagalara bermek, olary aýratyn üns we söýgi bilen gurşap almak ýaly däpleriniň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mynasyp dowam etdirilýändiginiň, ýurdumyzyň ýaşajyk raýatlarynyň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmeklerine, saglygyna hem-de abadançylygyna gönükdirilen döwlet syýasatynyň üstünliklere beslenýändiginiň beýanydyr» diýip belleýşi ýaly, bu özboluşly baýramçylyk Bilimler we talyp ýaşlar gününiň öňüsyrasynda çagalar üçin döredilen ajaýyp mümkinçilikdir.

Täze okuw ýylynyň öňüsyrasynda mekdep harytlaryny özünde jemleýän pawilýonlaryň aýratyn gyzyklanma döretjekdigi ikuçsuzdyr. Bu ýerde sapaklar üçin ähli zerurlyklary — okuw esbaplaryny we gollanmalary, çagalar üçin niýetlenilen mebelleri diňe bir synlap däl, eýsem, amatly bahadan satyn alyp hem bolýar. Däbe görä, tomsuň soňky aýynda ýurdumyzyň ähli künjeginde her ýyl ýaýbaňlandyrylýan mekdep bazarlarynda bolşy ýaly, bu ýerde-de islegiňe görä, mekdep lybaslaryny, aýakgaplary, okuw torbalaryny, ýazuw depderlerini we beýlekileri saýlamaga giň mümkinçilik bar.

Her bir adamyň häsiýetleri, ahlak ýörelgeleridir gymmatlyklary, Watana söýgi, milli däp-dessurlara sarpa goýmak, ata-babalarymyzyň wesýetlerine we beýik taglymlaryna eýermek duýgulary çagalyk ýyllarynda kemala gelýär. Ösüp gelýän ýaş nesle mynasyp terbiýe bermek Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň möhüm, strategik maksatlarynyň biridir. Şonuň üçin serginiň aýratyn bölümleri çagalaryň aň taýdan ösüşine, döredijiligiň, aýdym-sazyň, sungatyň olaryň durmuşyndaky ähmiýetine bagyşlanýar.

Halkymyzyň ýokary ynsanperwer ýörelgelerine eýerip, ýurdumyzda ene-atasyndan jyda düşen, howandarlyga mätäç çagalary goldamaga uly üns berilýär. Döwletimiz ykbalyň emri bilen ýeňil bolmadyk durmuş ýagdaýyna düşen ýaşajyk ildeşlerimiziň durmuş goraglylygynyň, kanuny bähbitleriniň üpjün edilmegini kepillendirip, olaryň jemgyýete goşulyşmaklaryna, özbaşdak durmuşa taýýarlanylmagyna gönükdirilen goldaw-kömekleri berýär. Mälim bolşy ýaly, şu maksatlar üçin Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy hereket edýär. Haýyr-sahawat gaznasyndan howandarlyga mätäç çagalara paýtagtymyzyň we welaýatlaryň lukmançylyk edaralarynda dürli operasiýalary geçirmek, çagalar öýlerinde, ýöriteleşdirilen mekdeplerde, mekdep-internatlarda terbiýelenýän hem-de bilim alýan çagalaryň saglygyny bejermek, olar üçin lukmançylyk maksatly serişdeleriň satyn alynmagyna gönükdirilen maliýe serişdeleri bölünip berilýär.

Ýeri gelende bellesek, 16-njy awgustda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa Arkadag şäherinde bolup, «Kids EXPO: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkasynda görkeziljek Arkadag lukmançylyk klasteriniň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işini beýan edýän diwarlyklaryň teklip edilýän şekil taslamalary bilen tanyşdy we gymmatly maslahatlaryny berdi. Häzirki wagtda dowam edýän sergi-ýarmarkasyndaky haýyr-sahawat gaznasynyň işini şöhlelendirýän bölümler sergä gelýänlerde aýratyn gyzyklanma döredýär.

Bu sergi-ýarmarkasy ýurdumyzyň geljegi bolan çagalara diňe bir ýatdan çykmajak täsirleri we şatlykly duýgulary bagyşlamak bilen çäklenmän, eýsem, olary çäksiz alada bilen gurşap alýan, ýaş nesliň sagdyn bedenli, bilimli, hemmetaraplaýyn sazlaşykly kemala gelmegi we terbiýelenmegi üçin ähli şertleriň döredilýän mekanyna — Watanymyza bolan söýgini hem artdyrýar.

Ýaş nesillerimiziň sagdyn, bagtyýar ösüp ulalmaklary, watançy, päk ahlakly, merdana we halal adamlar bolup ýetişmekleri ýurdumyzyň durnukly ösüşiniň möhüm şertidir. Şonuň üçin-de ýurdumyzyň ähli künjeginde döwrebap çagalar baglaryny, mekdepleri, bedenterbiýe-sagaldyş, dynç alyş toplumlaryny gurup, bagtyýar çagalarymyzyň düýpli bilim almagy, dünýägaraýşyny giňeltmegi, olarda ýokary ahlak sypatlarynyň kemala getirilmegi üçin ähli amatly durmuş şertlerini döretmäge aýratyn üns berilýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşymyzyň gülleri bolan bagtyýar çagalarymyzyň şatlykly gülküleri hemişe belentden ýaňlanyp dursun!

***«Adalat».***

DÖWLETLILIK. KANUNYLYK. DEMOKRATIÝA

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň dünýäniň ähli döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklary we hyzmatdaşlygy giňeltmäge, umumadamzat üçin juda ähmiýetli bolan parahatçylyk medeniýetini ösdürmäge gönükdirilen medeniýet strategiýasy ýurdumyzyň Bitaraplyk syýasatynyň ähmiýetini artdyrýar.*

# ÝURDUMYZYŇ MEDENIÝET STRATEGIÝASY PARAHATÇYLYGY PUGTALANDYRÝAR

Döwrebap öwüşginler bilen barha baýlaşýan medeniýetimiz dünýäniň Gün tertibinde duran meseleleri çözmekdäki tagallalaryň birleşmegine hem aýdyň ýollary açýar. Ýurdumyzyň energetika, suw-ekologiýa, ulag diplomatiýalarynda öňe süren başlangyçlary umumadamzat ähmiýetliligi bilen tagallalary birleşdirýän güýje öwrülýär. Munuň özi ykdysady ösüşleri ilerledip, dünýä hojalygynyň sazlaşykly ösüşini gazanmaga oňyn itergi bolýar. Çünki halklaryň, medeniýetleriň dostlaşmagy bilen ykdysady bähbitler öz ornuny tapýar. Ykdysady bähbitler bolsa döwletleriň ösüşini, döwletleriň ösüşi bolsa dünýäniň iň möhüm meselelerini çözmekde garaýyşlary birleşdirýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň medeniýet ulgamynyň işiniň kanunçylyk binýadyny has-da berkitmek babatda uly işler durmuşa geçirildi. «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini goramak hakynda», «Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragy» medalyny döretmek hakynda», «Teatr we teatr işi hakynda», «Milli maddy däl medeni mirasy gorap saklamak hakynda», «Milli taryhy-medeni mirasyň gozgalýan gymmatlyklaryny goramak, äkitmek we getirmek hakynda», «Türkmenistanyň halk çeper döredijiligi hakynda», «Kinematografiýa hakynda», «Kitaphanalar we kitaphana işi hakynda», «Muzeýler we muzeý işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary milli medeniýetimizi ösdürmegiň kämil hukuk binýady bolup hyzmat edýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly başlangyçlary esasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň çäklerinde dutarçy bagşy-sazandalaryň arasynda «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň geçirilmeginiň ýola goýulmagy bolsa milli medeniýetimizi döwrebap öwüşginler bilen has baýlaşdyrmakda gazanylan uly üstünlikleri görkezýär. Döwlet Baştutanymyzyň tagallalary bilen ýaşlarymyzda aýdym-saz sungatyna bolan söýgini döretmekde we ösdürmekde gazanylýan bu üstünlikler

3 »

# ARZUWLARYŇ HASYL BOLÝAN MEKANY

*Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly eserinde: «Çagalaryň bagtyýar durmuşy we sazlaşykly ösüşi Watanymyzyň abadançylygynyň kepilidir» diýip, ýaş nesiller baradaky aladanyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň möhüm strategik maksatlarynyň biridigini nygtaýar.*

Adam hukuklary boýunça halkara konwensiýalarynyň we jarnamalarynyň ynsanperwerlik, sahawatlylyk, hoşamaý garaýyşlar baradaky ýörelgeleriniň çuňňur many-mazmuny siňen «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda», «Ýaşlaryň zähmet çekmäge bolan hukugynyň kepillendirmesi hakynda», «Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi wagyz etmek we goldamak hakynda», «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda», «Bedenterbiýe we sport hakynda», «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary, Türkmenistanyň Zähmet kodeksi, Türkmenistanyň Maşgala kodeksi, Türkmenistanyň ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksi hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalar çagalaryň sagdyn we erkin durmuşda bagtyýar ulalmaklary üçin geçirilýän işleriň hukuk binýady bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 29-njy martynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 4 ýyllygy mynasybetli «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahatyň Jemleýji resminamasy Birleşen Milletler Guramasynyň resmi dillerine terjime edilip, Baş Assambleýanyň 79-njy sessiýasynyň gün tertibiniň resminamasy hökmünde ýaýradyldy.

16-njy awgustda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa Arkadag şäherinde bolup, «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň çäklerinde durmuşa geçirilýän «Arkadag Medisina Klasteri» toplumynyň gurluşygynyň barşy, şeýle hem «Kids EXPO: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkasynda görkeziljek Arkadag lukmançylyk klasteriniň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça

3 »

# SUW — ADAMZADYŇ BAÝLYGY

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň suw üpjünçilik ulgamyny gowulandyrmak, ekinleri suwarmakda innowasion tehnologiýalary önümçilige yzygiderli ornaşdyrmak, ýer-suw serişdelerinden netijeli peýdalanmak maksady bilen, suw howdanlarynyň gurlup, bar bolanlarynyň göwrüminiň giňeldilmegi oba hojalygynda bol hasyl almak, suw gorlaryny netijeli ulanmak babatda uly üstünlikleri getirýär.*

Ýurdumyzda oba hojalyk pudagynyň kanunçylyk binýadynyň esasyny düzýän resminamalryň biri-de 2018-nji ýylda kabul edilen «Ýerleriň meliorasiýasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ýerleriň meliorasiýasyny geçirmegiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär hem-de bu babatda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Agzalan Kanun 7 bölümden, 29 maddadan ybaratdyr.

Ýerleriň meliorasiýasy — ýer serişdelerini rejeli we durnukly peýdalanmak maksady bilen, ýerleriň oňaýsyz tebigy (gidrologik, toprak, agroklimatik) şertlerini düýpli gowulandyrmaga gönükdirilen agrotehniki, gidrotehniki, tokaý-tehniki, medeni-tehniki, himiki we beýleki melioratiw çäreleriň toplumydyr.

Döwlet eýeçiliginde durýan we suwuň sebitara ýa-da hojalygara paýlanylmagyny hem-de sowlup äkidilmegini, daşgyn suwlaryna garşy goragy, şeýle hem döwlet hajatlaryny üpjün etmek üçin zerur bolan eroziýa garşy we öri meýdan gorag tokaý zolaklaryny üpjün edýän melioratiw ulgamlara döwlet melioratiw ulgamlary diýilýär.

Halkara jemgyýetçiliginde hem ykrar edilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda, içeri we daşary syýasatynda Bitaraplyk ýörelgelerine eýerýän Garaşsyz Türkmenistan suw serişdelerini tygşytlamak we rejeli ulanmak babatda hereket edýän kanunçylygyny yzygiderli döwrebaplaşdyrýar.

*Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň birinji umumy mejlisinde: «Türkmenistan hemişe suwa deň we adalatly elýeterlilik halklaryň hem-de her bir adamyň tebigy we düýpli hukugydyr diýip, berk we üýtgewsiz çykyş edýär. Şoňa görä-de, biziň düýpli ynanjymyz boýunça tutuş suw meselesi toplumyna seretmek şu üç sany binýatlaýyn kada, ýagny:*

*— halkara hukugyň berjaý edilmegine;*

*— bähbitleriň özara hasaba alynmagyna;*

*— halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň gatnaşmagyna esaslanmalydyr» diýip, umumadamzat ähmiýetli garaýyşlaryny beýan etdi.*

Mälim bolşy ýaly, 2010-njy ýylda «Agyz suwy hakynda», 2018-nji ýylda «Ýerleriň meliorasiýasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň, 2017-nji ýylda bolsa Türkmenistanyň Suw kodeksiniň we başga-da birnäçe degişli kanunçylyk namalarynyň kabul edilmegi we yzygiderli döwrebaplaşdyrylmagy Diýarymyzda suwy netijeli peýdalanmak, hapalanmazlygyny, zaýalanmazlygyny, azalmazlygyny gazanmak babatdaky giň möçberli işleriň hukuk esaslaryny üpjün edýär.

Ýerleriň meliorasiýasy tehniki-ykdysady taýdan esaslandyrylmasyna laýyklykda, gurluşyk, ekologiýa, sanitariýa we beýleki kadalary berjaý etmek bilen işlenilip taýýarlanylan hem-de Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet ekologiýa seljermesinden geçen ýerleriň meliorasiýasy boýunça taslama resminamasy esasynda amala aşyrylýar.

Döwlet melioratiw ulgamlarynda melioratiw işler melioratiw ulgamlary gurmak, ulanmak we abatlamak boýunça hyzmat ediji edaralar tarapyndan ýerine ýetirilýär. Melioratiw çäreler geçirilýän ýerlerde binalar we desgalar ýerleşdirilen, gurlan, hojalyk we beýleki işler amala aşyrylan mahalynda, topraklaryň suw, howa, ýylylyk, iýmitleniş düzgünleriniň ýaramazlaşmagyna, şeýle hem melioratiw ulgamlaryň gurulmagyna, ulanylmagyna we abatlanylmagyna päsgel berilmegine ýol berilmeýär. Melioratiw çäreler geçirilýän ýerlerde ýerleriň meliorasiýasy bilen baglanyşykly bolmadyk

3 »

# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisindäki ÇYKYŞY

*(Aşgabat şäheri, 2025-nji ýylyň 20-nji awgusty)*



***Hormatly Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň agzalary!***

Türkmen halkynyň asylly däp-dessurlarynyň biri bolan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşmak müňlerçe ýyl bäri halkymyzyň durmuşynda dowam edip gelýän demokratik däpleriň biridir. Häzirki taryhy döwürde bu däpler ýurdumyzyň ösüşiniň esasyna, ileri tutulýan wezipeleri çözmekde jemgyýetiň hereketlendiriji güýjüne öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Garaşsyz Watanymyzy ösdürmek boýunça şu ýylyň alty aýynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlendi. Şunuň bilen birlikde, hormatly Prezidentimiz tarapyndan bu mejlisde şu ýylyň sentýabrynda geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramyna ýokary derejede taýýarlyk görmek boýunça degişli tabşyryklar berildi.

***Hormatly adamlar!***

Biz şu ýylyň sentýabrynda ähli halkymyz bilen bilelikde, agzybirlikde Watanymyzyň Garaşsyzlyk baýramyny giňden belläp geçeris. Halkymyz hemişelik Bitarap Diýarymyzyň Garaşsyzlyk toýuny uly zähmet üstünliklerine besläp, buýsanç bilen garşy alýar. Sebäbi bu sene Garaşsyz ýurdumyz hem-de agzybir halkymyz üçin aýratyn ähmiýetli, buýsançly, biziň her birimizi täze, belent maksatlara galkyndyrýan şanly wakadyr. Şunuň bilen baglylykda, Garaşsyzlyk baýramynyň bellenilýän günlerinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisini geçirmek bilen, Garaşsyz döwletimiziň ösüşinde gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň, ýerine ýetirilen işleriň jemini jemläris. Döwrüň talaplaryndan, täze ykdysady şertlerden ugur alyp, täze taryhy döwürde öňümizde durýan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşarys.

Şu günki mejlisimizde bolsa «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny esasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak we ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk toparyny döretmek, mejlisiň geçiriljek senesini kesgitlemek hem-de guramaçylyk toparynyň düzümini tassyklamak hakynda degişli resminamalary kabul ederis. Il içinde uly abraýdan peýdalanýan, öz halal zähmeti bilen ýokary zähmet üstünliklerini gazanan watandaşlarymyzy döwlet sylaglaryna hödürlemek, hormatly atlary dakmak boýunça işleriň alnyp barlyşyna serederis. Şeýle hem Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda sebitde we dünýäde parahatçylygy üpjün etmekde ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň orny babatda öňde durýan wezipeleri kesgitläris.

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň başyndan bäri geçen döwürde ähli tagallalarymyz, gujur-gaýratymyz döwletimiziň hem-de jemgyýetimiziň depginli ösüşini üpjün etmäge gönükdirildi. Ýurdumyzda halk häkimiýetliligini, milli demokratik institutlary ösdürmek boýunça taryhy işler durmuşa geçirildi. Biz döwletlilik, kanunylyk we milli demokratik kadalardan ugur alyp, döwlet ähmiýetli möhüm soraglary halk bilen maslahatlaşyp amala aşyrýarys. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işi hem şol maksatlara esaslanýar. Şunda döwlet ähmiýetli soraglary çözmek, ýurdumyzda kabul edilen maksatnamalary ýerine ýetirmäge halk köpçüligini giňden çekmek, teklipleri işläp taýýarlamak, halkymyzyň agzybirligini, jebisligini, asudalygyny, abadançylygyny berkitmäge hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine ýardam bermek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň baş maksady we esasy wezipesi bolup durýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň alyp barýan işleriniň ählisi döwletimizi durmuş-ykdysady taýdan ýokary derejede ösdürmegiň, bu işleri netijeli dolandyrmagyň, kanunçylyk-hukuk üpjünçiliginiň, häkimiýet edaralarynyň guramaçylyk esaslarynyň täze, kämil gurallaryny kemala getirmäge gönükdirilendir.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» we beýleki maksatnamalar esasynda milli ykdysadyýetimizde ýokary ösüşleri gazandyk. Täze şäherdir obalaryň gurluşyklaryny ýokary depginde dowam etdirdik. Häzirki döwürde ýurdumyzyň ägirt uly ykdysady, maliýe we maýa goýum kuwwatyny görkezýän Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygy üstünlikli alnyp barylýar.

***Hormatly adamlar!***

Hormatly Prezidentimiziň sebitde we halkara giňişlikde dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek, parahatçylygy, ynanyşmagy pugtalandyrmak, durnukly ösüşi üpjün etmek barada edýän tagallalary Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda uly üstünliklere beslenýär. Bu ýyl türkmen jemgyýetinde agzybirligiň, jebisligiň höküm sürmegi, ýurdumyzyň gazanýan üstünlikleri, döwletimiziň dünýäde parahatçylygy we durnuklylygy gorap saklamaga goşýan goşandy Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu ugurda öňe sürýän halkara başlangyçlary bilen häsiýetlendirilýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäde parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerini wagyz etmek, halkara guramalaryň çäklerinde umumadamzat bähbitli başlangyçlary we teklipleri öňe sürmek ugrunda uly işleri alyp barýar. Halkara gatnaşyklarda parahatçylyk, ynanyşmak däplerini ilerledip, medeni dialogy, hoşniýetli goňşuçylygy, birek-birege hormat goýmagy berkitmek, özara ynanyşmagy pugtalandyrmak maksady bilen, netijeli işleri amala aşyrýar. Ýurdumyzyň Durnukly ösüş maksatlary, öňüni alyş diplomatiýasy, derwaýys sebit soraglary boýunça öňe sürýän daşary syýasy başlangyçlary Birleşen Milletler Guramasy we beýleki abraýly halkara guramalar tarapyndan yzygiderli goldanylýar.

Türkmen Bitaraplygynyň 30 ýyllyk ýubileýiniň baýram edilýän ýylynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi arkaly ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň halkara derejede üçünji gezek ykrar edilmegi hoşniýetli däplere esaslanýan daşary syýasatymyzy, şanly senäniň ähmiýetini has-da dabaralandyrdy. Türkmenistanyň Bitaraplygy diňe bir türkmen halkynyň däl-de, eýsem, bütindünýä bileleşiginiň hem gymmatlygydyr. Halkara derejede ykrar edilen syýasy-hukuk ýagdaýyna eýe bolan Türkmenistanyň Bitaraplygynyň dünýäde deňi-taýy ýokdur. Alnyp barylýan Bitaraplyk syýasatynyň döwletimiz we halkymyz üçin nähili möhüm ähmiýetiniň bardygyna göz ýetirmek üçin geçen 30 ýylyň dowamynda amala aşyrylan işleriň gerimine we möçberine nazar aýlamak ýeterlikdir. Şu ýyllaryň dowamynda ýurdumyz dünýä bileleşiginiň hormat-sarpasyny gazandy.

Garaşsyz Watanymyz öz borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýän ygtybarly, jogapkär hyzmatdaş hökmünde uly abraýa eýe boldy. Häzirki döwürde Bitarap Türkmenistan anyk kadalara we öz maksatlaryna aýdyň düşünmäge esaslanýan, köpugurly, toplumlaýyn daşary syýasaty alyp barýar. Biz dünýä bileleşigi bilen umumadamzat gymmatlyklaryna, häzirki zamanyň ösen medeniýetleriniň öňünde durýan wezipeleriň bitewüdigine we bölünmezdigine daýanýan gatnaşyklary alyp barýarys. Gatnaşyklaryň şeýle görnüşi bolsa Türkmenistanyň saýlap alan esasy, möhüm ähmiýetli strategik ýoludyr. Biz hemişelik Bitaraplykdan gelip çykýan «Açyk gapylar» syýasatyny we giň gerimli halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de dowam etdireris. Şunuň bilen baglylykda, döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda dünýäde hyzmatdaşlygy hem-de özara düşünişmegi pugtalandyrjak çäreleriň birnäçesini meýilleşdirdik.

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

Ýurdumyzyň oňyn Bitaraplyk syýasatynyň döwletimiziň milli kanunçylygynda mynasyp orun alandygyny we onuň iş ýüzünde amala aşyrylmagy üçin pugta hukuk esasynyň döredilendigini hem bellemek möhümdir. Ýakynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Häzirki döwürde bu işleri dowam etdirmek zerur bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyny parlament diplomatiýasynyň üsti bilen dünýä ýaýmak, bu ugurda alnyp barylýan syýasaty milli kanunçylykda berkitmek üçin Türkmenistanyň Mejlisi degişli işleri durmuşa geçirmeli. Geçirilýän işleriň çäginde Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslaryny, onuň kadalaryny, esasy maksatlaryny, öňüni alyş diplomatiýasyny, ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny kanun arkaly berkitmek maksady bilen, «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň taslamasy taýýarlanylsa, maksadalaýyk bolardy.

***Hormatly adamlar!***

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek bilen bagly işleriň çäginde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» ýaly esas goýujy resminamalara laýyklykda, degişli ýolbaşçylar geljek ýylda ýurdumyzyň makroykdysady ýagdaýyny we maliýe, pul-karz ulgamyny durnukly saklamak, ykdysadyýetiň pudaklaryny depginli ösdürmek arkaly ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak babatda durmuşa geçirilmeli çäreleri seljermeli. Şeýle hem maýa goýumlaryň esasy bölegini täze önümçiliklere gönükdirmäge, pudaklara sanly ulgamy, täze tehnologiýalary ornaşdyrmaga, hususy telekeçiligi ösdürmäge möhüm ähmiýet bermeli. Şoňa görä-de, maksatlaýyn, pudaklaýyn we sebitleýin maksatnamalardan ugur alyp, şeýle hem döwletimiziň milli ykdysadyýetiniň pudaklarynyň ykdysady, maliýe görkezijilerini içgin seljermek bilen, ykdysadyýetiň pudaklary, maglumat-kommunikasiýa, bilim, saglygy goraýyş, sport ulgamlary, senagat, oba hojalyk we beýleki pudaklar boýunça teklipleri taýýarlamaly.

Döwletiň we jemgyýetiň durmuşynyň möhüm ugurlaryna degişli soraglar boýunça geçirilen işleriň netijeleri barada hormatly Prezidentimize degişli hasabatlary we maglumatlary bermek, şol maglumatlary seljermek bilen, geljekki ösüşlerimizi üpjün etmek üçin wajyp teklipleri işläp taýýarlamak, çözgütleriň kabul edilmegini gazanmak biziň esasy wezipelerimiziň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzy ösdürmegiň söwda-ykdysady, senagat, önümçilik, dolandyryş, kanunçylyk-hukuk, hyzmat ediş we medeni-durmuş ugurlarynda gazanylan üstünlikler, ýetilen sepgitler baradaky hem-de geljek üçin giň mümkinçilikleri açýan maglumatlary, şol maglumatlar esasynda taýýarlanan teklipleri gysga wagtda işläp düzüp, olary Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanyna bermegi tabşyrýaryn.

Şeýle-de «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň 19-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwany guramaçylyk topary bilen bilelikde aşakdaky işleri ýokary derejede alyp barmaly:

1. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň agzalary, deputatlar, syýasy we jemgyýetçilik guramalarynyň işjeň agzalary, alymlar, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görülýän döwürde we mejlisiň jemleri boýunça Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň alyp barýan işleriniň taryhy, syýasy-jemgyýetçilik ähmiýeti barada täsirli wagyz-nesihat çärelerini, çykyşlary, duşuşyklary giňden guramaly;
2. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça işleri guramaçylyk topary bilen bilelikde meýilnama esasynda alyp barmaly;
3. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň garamagyna soraglary taýýarlamagy we resminamalaryň taslamalaryny guramaçylyk toparynyň ýygnaklarynda deslapdan ara alyp maslahatlaşmaly;
4. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmekde welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň halk maslahatlarynyň işine guramaçylyk-usulyýet taýdan ýolbaşçylyk etmeli;
5. Raýatlardan gelip gowşan tekliplere we beýleki ýüztutmalara garamak, olary hasaba almak, umumylaşdyrmak boýunça işleri alyp barmaly;
6. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini geçirmegiň maksatnamasyny taýýarlamaly;
7. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işini köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde beýan etmek bilen bagly zerur maglumatlary taýýarlamaly;
8. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça guramaçylyk işlerini Türkmenistanyň Mejlisi, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat, Arkadag şäherleriniň häkimlikleri, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde utgaşykly alyp barmaly;
9. Türkmenistanyň Mejlisi hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyny parlament diplomatiýasynyň üsti bilen dünýä ýaýmak, wagyz etmek boýunça ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri bilen alnyp barylýan işleri dowam etdirmeli;
10. Hormatly Prezidentimiziň beren tabşyryklaryna laýyklykda, Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň durmuşynyň syýasy, ykdysady, medeni ugurlarynda ýokary zähmet üstünliklerini gazanan, halk arasynda uly abraýdan we sylagdan peýdalanýan ildeşlerimizi döwlet sylaglary bilen sylaglamak, olara hormatly atlary dakmak boýunça alyp barýan işlerimizi hem guramaçylykly ýerine ýetirmeli. Mynasyp adamlary hödürlemek we bu işleri resmileşdirmek boýunça işleri talabalaýyk alyp barmaly.

***Hormatly Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň agzalary!***

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň öňünde ýurdumyzy ösdürmek boýunça geljekde hem uly wezipeler durýar. Halk Maslahaty Türkmenistanyň Mejlisi, Hökümeti, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikdäki netijeli işleri dowam etdirip, alnyp barylýan özgertmeler syýasatyna öz mynasyp goşandyny goşup, Watanymyzy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösdürmek boýunça zerur işleri alyp barmalydyr.

***Hormatly adamlar!***

Öň hem belläp geçişim ýaly, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürmek, jemgyýetimizi yzygiderli demokratiýalaşdyrmak boýunça kabul edilen maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirmek, sebitleri durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, ilatyň gündelik zerurlyklaryny we isleglerini kanagatlandyrmak babatda netijeli işleri alyp barmak esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Biz geljekde hem dürli ugurlardaky özgertmeler syýasatymyzy üstünlikli dowam etdirmek üçin agzalan ugurlar boýunça täze teklipleriň üstünde işlemeli. Şunda iň esasy maksat ýurdumyzyň ähli ilatynyň abadan ýaşaýşyny üpjün etmek, her bir adam üçin amatly ýaşaýyş gurşawyny döretmek bolup durýar.

***Eziz watandaşlar!***

***Hormatly maslahata gatnaşyjylar!***

Hormatly Prezidentimiziň berk nygtaýşy ýaly, Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!

## Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň KARARY

### Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Ýaşulular geňeşiniň düzümini tassyklamak hakynda

«Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunyna we Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Ýaşulular geňeşi hakynda Düzgünnama laýyklykda hem-de Ýaşulular geňeşiniň işini guramaçylyk taýdan üpjün etmek maksady bilen, **karar edýärin:**

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Ýaşulular geňeşiniň düzümini tassyklamaly.

*Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy*
*Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.*

Aşgabat şäheri, 2025-nji ýylyň 20-nji awgusty.

## Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň KARARY

### Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak hakynda

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda merdana ata-babalarymyzyň döwleti dolandyrmakda toplan köpasyrlyk tejribesine daýanyp, milli demokratik ýörelgeleri ösdürmek boýunça taryhy işleri durmuşa geçirmek, döwletlilige, kanunylyga esaslanmak bilen, şöhratly ata-babalarymyzyň ýoluny dowam edip, olaryň parasatly wesýetlerine eýerip, döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm meselelerini çözmäge ilatyň wekilleriniň giňden gatnaşmagyny üpjün etmek, jemgyýetiň agzybirligini, jebisligini berkitmek boýunça gazanylan üstünlikleri döredijilikli kämilleşdirmek hem-de Türkmenistanyň halkynyň bähbitlerine wekilçilik edýän ýokary wekilçilikli edaranyň — Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini guramaçylykly geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumy **karar edýär:**

1. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisini 2025-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda çagyrmaly we ony Aşgabat şäherindäki Maslahat köşgünde geçirmeli.
2. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlary «Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak we guramaçylykly geçirmek hakynda» Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Kararyna, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlary tarapyndan teklip edilýän jemgyýetçilik wekillerini hödürlemegiň Tertibine laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine welaýatlar, Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça jemgyýetçilik wekilleriniň sanawlaryny 2025-nji ýylyň 1-nji sentýabryna çenli Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanyna bermeli.

*Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy*
*Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.*

Aşgabat şäheri, 2025-nji ýylyň 20-nji awgusty.

## Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň KARARY

### Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk toparyny döretmek hakynda

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramy mynasybetli Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini dabaraly ýagdaýda we ýokary guramaçylykly geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumy **karar edýär:**

1. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk toparyny döretmeli we onuň düzümini tassyklamaly.
2. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwany Türkmenistanyň Mejlisi bilen bilelikde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek we ony geçirmek bilen bagly işlerde welaýatlaryň, etraplaryň hem-de şäherleriň halk maslahatlaryna guramaçylyk-usulyýet taýdan ýardam bermeli we bu işleri utgaşdyrmaly.

*Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy*
*Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.*

Aşgabat şäheri, 2025-nji ýylyň 20-nji awgusty.

## Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň KARARY

### Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň düzümini tassyklamak hakynda

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň Tertipnamasyna we gaznanyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşi hakyndaky Düzgünnama laýyklykda hem-de Ýaşulular geňeşiniň işini guramaçylyk taýdan üpjün etmek maksady bilen, **karar edýärin:**

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň düzümini tassyklamaly.

*Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň esaslandyryjysy — Prezidenti*
*Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.*

Aşgabat şäheri, 2025-nji ýylyň 20-nji awgusty.

GARAŞSYZ TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYGYNYŇ 30 ÝYLLYGYNA

# BITARAPLYGYŇ TARYHY KÖKLERI



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

*Häzirki döwürde Bitaraplygyň dünýä derejesindäki ähmiýetine uly baha berilýär. Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň parahatçylygyň we durnuklylygyň strategik düzgünlerine doly gabat gelýän türkmen Bitaraplygyna aýratyn orun degişlidir. Halkara bileleşigi hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýymyza özara düşünişmek we ynanyşmak, deňhukuklylyk we netijeli hyzmatdaşlyk boýunça syýasy-diplomatik şertleri döretmegiň pugta guraly hökmünde garaýar.*

Dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan gyzgyn goldaw tapan hemişelik Bitaraplygymyzyň taryhy kökleri bäş müň ýyllyk taryhymyzyň süňňünde saklanýan milli häsiýetlerimizden gözbaş alýar. Çünki taryhda bolup geçen we adamzat siwilizasiýasyna mynasyp goşant goşan, antik, irki we orta asyr döwürlerde dünýäniň syýasy-jemgyýetçilik keşbiniň emele gelmeginde esasy orun tutan türkmen halky gadymy döwürlerden bäri Bitaraplyk ýörelgelerine ygrarly syýasy gatnaşyklaryň tarapdary bolupdyr. Miladydan öňki I müňýyllygyň ortalarynda türkmen topraklarynda bolup geçen wakalar hem bitaraplyk ýörelgeleriniň ilkinji mysallary barada habar berip biler. Mysal üçin, Gerodotyň «Taryh» eserinde massagetleriň şa zenany Tumaryň ahemenileriň şasy Kir II-ä (miladydan öňki 558 — 530 ý.) ýazan haty barada beýan edilýär. Massagetleriň uruşdan gaýra durmak we hoşniýetli goňşuçylyk saklamak maksadyna eýermek bilen, şa zenan Tumar ahemeni patyşasy Kir II-niň basybalyjylykly talaplaryna şeýle jogap beripdir: «Sen bu bet päliňden el çek! Ýörişiňi bes et-de, yzyňa gaýt» diýipdir. Massagetleriň baştutany şa zenan Tumar goňşy döwletiň patyşasyny onuň goşunlary bilen bilelikde öz ýurdunyň çäklerine üç günlük geçmegine rugsat bermek bilen, olaryň uruş meýilleriniň ornuny parahatçylyk duýgularynyň eýelemek mümkinçiligine üns beripdir. Bu bolsa oňyn Bitaraplyk ýörelgelerini şeýle üýtgeşik usul bilen amala aşyrmak synanyşyklaryň taryhy mysalydyr.

Gerodot Aleksandr Makedonskiý bilen massagetleriň özara aragatnaşyklaryna aýratyn ýokary baha beripdir. Massagetler gadymyýetiň bu beýik serkerdesi we imperatory bilen bolup biljek urşuň öňüni almagy başarypdyrlar we öz çäklerinde, ýagny türkmen topraklarynda parahatçylygy gorap bilipdirler.

Baryp, miladydan ozalky asyrlarda türkmenler tarapyndan döredilen Parfiýa döwleti hem şol döwrüň syýasy güýçleri bolan Hytaý we Rim imperiýasy bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýupdyr. Hususan-da, Parfiýa — Hytaý diplomatik gatnaşyklary «Hesin» şertnamasy («Ýaraşyk we garyndaşlyk hakynda»), «Digo» şertnamasy («Güýçleri deň döwletler»), «Men ýuýe» («Kasam şertnamasy») atly üç görnüşli ikitaraplaýyn şertnamalarda berkidilipdir.

Ondan soňraky döwürlerde hem Türkmenistanyň çäginde döredilen, şeýle hem türkmenleriň guran beýleki döwletleri goňşy ýurtlar bilen hoşniýetli gatnaşyklary alyp barypdyrlar. Seljuklaryň ösen diplomatiýasy bolupdyr we ol, ilkinji nobatda, parahatçylykly çözgütleri tapmaklyga gönükdirilipdir. Diplomatik usullar bilen parahatçylygy üpjün etmek, raýatlyga alnan ilata ynsanperwerlik bilen garamak, dürli halklaryň milli we medeni däp-dessurlaryna, dini ynançlaryna sarpa goýmak seljuk soltanlary üçin mahsus bolupdyr. Seljuklaryň diplomatik maksatly wekiliýetine ýörite bellenen ilçi, zerur halatda, aýratyn hem iň ýokary derejedäki dostlukly gatnaşyklara şaýatlyk edilen wagtynda bolsa soltanyň hut özi sapara ugrapdyr. Dünýä medeniýetiniň genji-hazynalary bolan «Oguznama», «Görogly», «Gorkut ata» ýaly eserlerden we şöhratly geçmişimiz barada baý maglumatlary özünde saklaýan beýleki taryhy çeşmelerden türkmen halkynyň parahatçylyk söýüjiligi, asudalygy, agzybirligi, hoşniýetli goňşuçylygy berkitmek, birek-birege hormat goýmak, adam mertebesini sarpalamak, dawa-jenjeliň öňüni almak bilen baglanyşykly ençeme mysallary getirmek bolýar. Köklerini gadymyýetiň jümmüşinden alyp gaýdýan türkmen Bitaraplygy häzirki günlerde hem halkara hyzmatdaşlygyň, ynanyşmagyň, ynsanperwerligiň, adalatlylygyň nyşany bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyz halkara guramalary bilen milli we sebit maksatlaryndan ugur alýan ençeme taslamalary durmuşa geçirýär.

Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan dörän «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly kitabynda: «Biziň döwletimiziň oňyn Bitaraplyk hukuk ýagdaýynda onuň müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen taryhy hakydasy, psihologiýasy, milli aň-düşünjesi öz beýanyny tapdy. Açyklyk we hoşniýetlilik, myhmansöýerlik we beýleki milletlere hormat goýmak diňe bir goňşy halklaryň medeniýetine we däp-dessurlaryna hormat goýmakda däl-de, eýsem, olaryň ylymda we sungat äleminde gazanýan üstünliklerine guwanýandygynda hem ýüze çykýar. Bu häsiýetler bolsa, biziň milli aýratynlygymyza hemişe mahsusdyr» diýip, belläp geçmegi hem şol durmuş hakykatyndan ugur alýar.

Goý, dünýäde parahatçylygyň we abadançylygyň dabaralanmagy ugrunda taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Türkmen Bitaraplygy dowamat-dowam bolsun!

***Sähra BATYROWA,***
***Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby, «Adalat».***

# ASYLLY ÝÖRELGELERE EÝERIP




Ýaşululara hormat goýmak pederlerimizden miras galan iň asylly däpleriň biridir. Her ýyl ýurt Garaşsyzlygymyzyň baýramynyň öňüsyrasynda geçirilýän Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ýaşulularyň maslahatlary we teklipleri diňlenilip, şolaryň esasynda döwletimizi mundan beýläk-de ösdürmek boýunça möhüm kararlar işlenilip düzülýär hem-de kabul edilýär. Milli Liderimiziň tabşyrygy boýunça 19-njy awgustda paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň nobatdaky maslahatynda hem öňde durýan wezipelere hem-de käbir guramaçylyk meseleleri ne garaldy. Häzirki wagtda Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimizde ähli ugurlar boýunça gazanylýan uly ösüşleri hem-de milli ýörelgeleri wagyz-nesihat etmekde, ýaş nesilleri watansöýüjilik we zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemekde uly durmuş tejribesi bolan ýaşululara aýratyn orun degişlidir.

***Jahangül MYRADOWA,***
***Türkmenistanyň Mejlisiniň baş hünärmeni.***



# SUW — ADAMZADYŇ BAÝLYGY

«1 binalary we desgalary ýerleşdirmek ýa-da gurmak melioratiw ulgamlardan peýdalanyjylar we melioratiw ulgamlary gurmak, ulanmak we abatlamak boýunça hyzmat ediji edaralar bilen ylalaşylmagy boýunça amala aşyrylýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, suw — dünýäniň ähli halklaryna degişli bolan tutuş adamzadyň umumy mirasy. Halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary esasynda her bir döwletiň bähbitleri nazara alnyp, suw serişdelerini döretmek, dikeltmek, dolandyrmak we oýlanyşykly sarp etmek babatda tagallalary birleşdirmek bolsa Türkmenistanyň umumadamzat ähmiýetli üýtgewsiz garaýyşlarydyr. Ynsan ýaşaýşynyň ilkinji zerurlyklarynyň biri bolan suwuň her bir adama ýeterlik bolmagy babatdaky meseleler yzygiderli öwrenilýär we bu ugurda beýik işler durmuşa geçirilýär.

Oba hojalyk pudagynyň ösdürilmeginiň sakasynda durýan Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, işleri rowaç bolsun!

***Daňatar ABDYLLAÝEW,***
***Akdepe etrabynyň prokurory, 1-nji derejeli ýurist.***

BILIM — DURMUŞ ÇYRAGY

# YHLASLYLARYŇ MYRADY

*Her bir adam çagalygyndan ene-atalarynyň mährine eýlenen watansöýüjilik duýgulary, öçmejek umytlarydyr ýürek arzuwlary bilen ýaşaýar. Biziň ýurdumyz iň arzyly arzuwlaryň amala aşýan, bagtly çagalygyň, bagtyýar ýaşlaryň mekany. Bu günki gün ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň giriş synaglaryny üstünlikli tabşyryp, kämil hünärli bolmak üçin ylymlar dünýäsine gadam basan kalby joşgunly ýaşlar munuň şeýledigine has aýdyň göz ýetirýärler. Çünki paýhasdan gaýdýan arzuwlaryň wysalyna gowuşmagy bilen, talyp bolmak bagtyna eýe bolan ýaşlaryň ýürekleri hyjuwdan, buýsançdan doly. Talyp bolmak arzuw edilen bagtdyr, ýagty geljege çyragdyr. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda talyp bolmak hakdaky arzuwlary hasyl bolan ýaşlaryň köňül buýsançlaryny okyjylarymyza ýetirmegi müwessa bildik.*



***Muhammetnur ÝAZGELDIÝEW,***
***Türkmen döwlet medeniýet institutynyň 1-nji ýyl talyby:***

— Biz, ýaşlaryň ylymly-bilimli, öz saýlan ugrumyz boýunça ökde hünärmenler bolup ýetişmegimiz üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda bilim arkaly beýik geljek gurulýandygyny belleýär. Şu nukdaýnazardan, hormatly Prezidentimiziň eşretli geljegi nazarlaýan beýik başlangyçlary esasynda bilim ulgamynda uly oňyn özgertmeler amala aşyrylýar.

Hünär öwrenmek, belli bir käriň eýesi bolmak ýaşlyk ýyllarynda islendik ynsanyň öňünde goýýan baş maksady. Milli medeniýetimize, şöhratly taryhymyza bolan söýgi hem-de aýdyň maksatlar bilen ýetilýän belent sepgitlere buýsanç meni ýokary bilim alyp, öz işine ussat hünärmen bolmaga höweslendirdi. Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň halkara derejede toýlanýan ýylynda maňa-da ýurdumyzyň baýry ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby bolmak bagty miýesser etdi.



***Gülistan ATAŞOWA,***
***Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň 1-nji ýyl talyby:***

— Her bir ynsanyň ýüreginde beslän arzuwlary bolýar. Mende-de lukman bolmak arzuwy çagalyk ýyllarymda döräpdi. Şol sebäpli-de mekdepde okan ýyllarym lukmançylyk uniwersitetine girmek üçin hünäre ugrukdyryş dersleri hasaplanylýan biologiýany we himiýany ürç edip öwrendim. Ýüregimde beslän arzuwym Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hasyl boldy. Bagtyýar ýaşlaryň hatarynda Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň talyby bolmak maňa-da miýesser etdi. 2025-nji ýyl meniň durmuşymda iň bir bagtly, ýatdan çykmajak ýyllaryň biri boldy. Geljekde öňümizde goýan maksadymyza ýetmekde Lukman Arkadagymyzyň halkymyza peşgeş beren «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitaby, «Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary», «Türkmenistan — sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy», «Türkmenistan – melhemler mekany», «Türkmenistan — sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy», «Bilim — bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk» atly eserleri biziň üçin iň esasy hem-de ygtybarly ylmy çeşme bolar.



***Berdi GELDIÝEW,***
***Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň 1-nji ýyl talyby:***

— Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri talyp ýaşlaryň eziz Watanymyza söýgüsiniň, Garaşsyzlygymyza guwanjynyň, şonuň bilen birlikde, döwletimiziň ýokary bilimli ýaşlary taýýarlamak baradaky aladalarynyň dabaralanýan zamanasydyr. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda maňa hem ýurdumyzyň iň baýry ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby bolmak bagtynyň miýesser edendigi üçin çäksiz guwanýaryn. Nesip bolsa, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň häzirki zaman we döwrebap binalarynda öz saýlap alan hünärimiň inçe tärlerini ele aljakdygymy tüýs ýürekden ynandyrýaryn.

Biziň okamagymyz, öwrenmegimiz üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän, eziz Diýarymyzy röwşen geljege tarap ynamly alyp barýan Arkadagly Gahryman Serdarymyza talyp ýüregimizden köp sagbolsun aýdýarys. Goý, ýaşlaryň dünýä derejesinde bilim almaklary ugrunda uly tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň hem-de Milli Liderimiziň janlary sag, ömürleri uzak, işleri rowaç bolsun!

***«Adalat».***

# ÝURDUMYZYŇ MEDENIÝET STRATEGIÝASY PARAHATÇYLYGY PUGTALANDYRÝAR



«1 Gahryman Arkadagymyzyň «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy», «Medeniýet halkyň kalbydyr», «Ile döwlet geler bolsa...» atly eserlerindäki paýhasly pikirleriň durmuşa üstünlikli ornaşdyrylýandygynyň netijesidir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň nygtaýşy ýaly, medeniýet ulgamynyň kämilleşdirilmegi halkymyzyň döredijilik kuwwatyny artdyrmaga, jemgyýetimizde watansöýüjilik, agzybirlik, ynsanperwerlik ýörelgelerini dabaralandyrmaga uly ýardam berýär.

Ýurdumyzyň medeniýet edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek, täze medeni maksatly binalary gurmak, milli medeniýetimizi, sungatymyzy, edebiýatymyzy ösdürmek, döredijilik işgärlerini höweslendirmek babatda beýik işleri amala aşyrýan hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, işleri rowaç bolsun!

***Amangeldi GARAÝEW,***
***Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň Aşgabat şäher müdirliginiň Berkararlyk etrap bölüminiň müdiri, uly döwlet bellige alyjysy.***





# ARZUWLARYŇ HASYL BOLÝAN MEKANY

«Jan Watanym Türkmenistan» atly döredijilik bäsleşigine

«1 haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işini beýan edýän diwarlyklaryň teklip edilýän şekil taslamalary bilen tanyşdy. Munuň özi ýurdumyzda ynsan saglygyny goramak, sagdyn durmuş ýörelgelerini rowaçlandyrmak, bedenterbiýäni we köpçülikleýin sporty işjeňleşdirmek babatda alnyp barylýan ynsanperwer işleriň nobatdaky dabaralanmasy boldy.

Çagalaryň mynasyp bilim we terbiýe almaklary, watansöýüji ýaşlar bolup ýetişmekleri üçin ählitaraplaýyn şertleri döredýän Milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize egsilmez alkyş aýdýarys.

***Oguljeren EMIROWA,***
***Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugyň Aşgabat şäher müdirliginiň Bagtyýarlyk etrap bölüminiň döwlet bellige alyjysy.***













*Surata düşüren Maksat MÜLLIKOW.*

## Buýsançnama

*Her bir işde ýol-ýörelge,*
*Arkadagyň eserleri.*
*Hemmä nusgalyk görelde,*
*Arkadagyň eserleri.*

*Şanly ösüşleň özeni,*
*Kämil paýhasyň gezeni,*
*Şöhratly ýurduň bezegi,*
*Arkadagyň eserleri.*

*Pähim-paýhasyň nusgasy,*
*Ajaýyp döwrüň kyssasy,*
*Watanyň öçmez şuglasy,*
*Arkadagyň eserleri.*

*Hakydada baky galýar,*
*Ak geljege çyrag bolýar,*
*Ýaşlarmyza ylham berýär,*
*Arkadagyň eserleri.*

***Myrat EZIZOW,***
***kiçi seržant.***

## Dünýäň göwher jygasy

*Adalatly döwletiň kanuny bagta kepil,*
*Adyl kanunly ýurtda bagtly hem bagtyýar biz.*
*Bu ajaýyp Watanda hoş günler ömre delil,*
*Adyl kanunly ýurtda bagtly hem bagtyýar biz.*

*Gahryman Arkadagyň eserleri hazyna,*
*Tutuş dünýä hyrydar nebitine-gazyna,*
*Has üýtgeşik görklenýär türkmen ýurdy ýazyna,*
*Adyl kanunly ýurtda bagtly hem bagtyýar biz.*

*Il bähbitli taglymlar ýurduň abraý-şanydyr,*
*Raýatlar her döwletiň baýlyk, genji-känidir,*
*Durmuşymyz eşretli, günleň süňňi manydyr,*
*Adyl kanunly ýurtda bagtly hem bagtyýar biz.*

*Dünýäň göwher jygasy ak mermerli paýtagtym,*
*Gülledýär köňüllerde ömürleriň daragtyn,*
*Bu ajap gül Watanda diýseň hoş geçýär wagtyň,*
*Adyl kanunly ýurtda bagtly hem bagtyýar biz.*

***Serdar BÄŞIMOW,***
***maýor.***

## Aşgabat

*Geler tarypyň eşde,*
*Çar ýandan jahankeşde,*
*Görküň mysaly keşde,*
*Bagt şäherim, Aşgabat!*
*Ak şäherim, Aşgabat!*

*Bürendiň bag-bossana,*
*Bezeg şygyr-kyssama,*
*Baky saňa waspnama,*
*Bagt şäherim, Aşgabat!*
*Ak şäherim, Aşgabat!*

***Guwançmyrat ALÝAROW,***
***Balkanabat şäherindäki 24-nji orta mekdebiniň mugallymy.***

## Bedewler

*Ýyldyrym deý ýyndam çapar,*
*Ýüregiň syzar bedewler.*
*Ynsanyň diline düşer,*
*Ne ajap gözel bedewler.*

*Dünýä ýüzünde tanaldy,*
*Taryha ady ýazyldy,*
*Ahalteke ady belli,*
*Toýlardan paýly bedewler.*

*Gyratyň ar-namysy bar,*
*Duýgurlygy hemmä äşgär,*
*Hem dostuňdyr hem-de hossar,*
*Türkmene myrat bedewler.*

***Rahman DÖWLETOW,***
***Aşgabat şäheriniň ýaşaýjysy.***

## Kabul et

*Ýene geldim, bu gün seniň ýanyňa,*
*Rehim eýläp, aşygyňy kabul et.*
*Her ýatlamda bakyp, seniň ýoluňa,*
*Gözden akan gözýaşlarmy kabul et.*

*Belki meňzedersiň meni diwana,*
*Hakyň bardyr näme diýseň diýmäge,*
*Erkim ýokdur özge gyzy söýmäge,*
*Yşkdan doly bu ýüregi kabul et.*

*Keşbin görüp, bu ajaýyp baharyň,*
*Ýazylmazmy, seniň köne gaharyň?!*
*Owazyna goşup saba-säheriň,*
*Saňa ýollan aýdymlarmy kabul et.*

***Joşgun PUHANOW,***
***Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Harby-deňiz institutynyň talyby.***

**KÄMIL KANUN — BERK BINÝAT**

# RAÝAT KODEKSINIŇ TÄZE BEÝANY

Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň dokuzynjy maslahatynda häzirki zaman jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň talaplaryna doly kybap gelýän Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň täze beýany kabul edildi. Kodeksiň täze beýany ýurdumyzda ykdysadyýetiň dürli pudaklaryndan, hukuk goraýjy edaralardan düzülen işçi topar tarapyndan, öňdebaryjy dünýä tejribesini, türkmen halkynyň milli aňyýetiniň aýratynlyklaryny nazara almak bilen işlenilip taýýarlanyldy.

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň täze beýanynda ähli maddalaryň mazmunyna täzeden seredilipdir. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň täze tapgyra çykmagy bilen sanly ulgamyň gazananlary-da raýat-hukuk şertnamalarynyň käbirlerinde görkezilipdir (mysal üçin: daşaýyş şertnamasyndaky haryt ulag delilhaty). Şonuň bilen birlikde, Kodekse «Haýyr-sahawat» atly täze bap, «Halkara hususy hukugy» atly täze bölek girizilipdir.

Bu günki gün häzirki zaman türkmen jemgyýeti dünýä jemgyýeti bilen aýakdaş barýar. Halkymyz daşary ýurtly raýatlar bilen raýat-hukuk, zähmet we beýleki ugurdaş çygyrlar boýunça ysnyşykly gatnaşyklary saklaýar. Şol jähetden hem Türkmenistanyň Raýat kodeksine girizilen «Halkara hususy hukugy» atly VI bölegi aýratyn bellärliklidir. Ol Kodeksiň «Umumy düzgünler», «Şahslaryň hukuk ýagdaýy kesgitlenilende ulanylýan hukuk», «Emläkleýin we şahsy emläkleýin däl gatnaşyklarda ulanylýan hukuk» atly baplarda berkidilen 1303 — 1343-nji maddalarynda öz beýanyny tapýar. Mälim bolşy ýaly, halkara hususy hukugy diýip, daşary ýurt elementi bilen çylşyrymlaşan raýat-hukuk, zähmet we beýleki hususy hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän halkara ylalaşyklaryň, adatlaryň we döwletiň içerki kanunçylygynyň kadalarynyň jemine düşünilýär.

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 1303-nji maddasynda daşary ýurt şahslarynyň gatnaşmagyndaky ýa-da gaýry daşary ýurt elementli raýat-hukuk gatnaşyklary babatda ulanylýan hukuk Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Türkmenistanyň halkara şertnamalary, agzalan Kodeks, gaýry kanunçylyk namalary we iş dolanyşygynyň adatlary esasynda kesgitlenilýändigi barada aýdylýar. Eger-de bellenilen kada esasynda ulanylmaly hukugy kesgitlemek mümkin bolmasa, daşary ýurt elementli raýat-hukuk gatnaşyklary bilen has ýakyn baglanyşykly ýurduň hukugy ulanylýandygy görkezilýär.

Türkmenistanyň Raýat kanunçylygynyň kämilleşdirilen beýanynyň kabul edilmegi, häzirki zaman türkmen jemgyýetinde ýüze çykýan raýat-hukuk gatnaşyklarynyň doly düzgünleşdirilmeginde, gürrüňi edilýän hukuk gatnaşyklarynda kanunylygy pugtalandyrmakda möhüm orun eýelär.

***Aýna GELDIÝEWA,***
***Türkmenabat şäher kazyýetiniň kazysy.***



# Okuw ýylyna taýýarlyk



Ylymly, bilimli, medeniýetli, giň dünýägaraýyşly, täzeçil, tehnologiýalardan baş çykarýan, sowatly ýaşlary kemala getirmek hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän öňdengörüjilikli syýasatynda möhüm orun eýeleýär. Öňümizde 2025-2026-njy okuw ýyly. Bu mynasybetli döwletimiziň bilim ojaklary gapylaryny giňden açarlar. Awgust aýy hem gerekli okuw esbaplarynyňdyr egin-eşikleriň alynýan möwsümi. Eýýäm 1-nji awgustdan halkymyza hyzmat edip başlan mekdep bazarlarynda okuwçylar üçin niýetlenilen köýnekler, aýakgaplar, tahýalar, dürli görnüşli mekdep torbalary, depderler, gündelikler, galamlar we beýleki zerur harytlar alyjylara hödürlenildi. Bu bolsa ata-eneleriň çagalaryny täze okuw ýylyna gysga wagtda taýýarlamagy üçin oňaýly mümkinçilikleri döretdi. Döwrebap derejede guralan bu bazarlara çykarylan harytlaryň aglabasynyň ýurdumyzyň önüm öndürijileri, hususy we döwlet kärhanalary tarapyndan öndürilýändigi aýratyn guwandyryjydyr.

Halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, işleri rowaç bolsun!

***Ýazmyrat ORAZOW,***
***podpolkownik.***

**ÝOL HEREKETINIŇ HOWPSUZLYGY — ÖMRÜMIZIŇ RAHATLYGY**

# Ulagy dolandyrmagyň kadalary

Ajaýyp döwrümizde halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagy ugrunda alnyp barylýan işleriň rowaçlanýandygyny her günde görýäris. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, sürüjileriň hem-de pyýadalaryň ýol hereketiniň düzgünlerini berjaý etmegine berk gözegçiligi amala aşyrmak, ulagy dolandyrmagyň, ýollarda özüňi alyp barmagyň medeniýetini ýokarlandyrmak, ýol hereketini kadalaşdyrýan ulgamy has-da kämilleşdirmek, ýoluň ýagdaýyny degişli derejede saklamak ýaly meselelere yzygiderli üns berilýär.

Şu aýdyň wezipelerden ugur alyp, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugy ýol hereketine gatnaşýan awtoulag serişdeleriniň sürüjilerine Türkmenistanyň ýol hereketiniň kadalarynyň 7-nji böleginde, bibatlyk duýdurmasynyň we bibatlyk sebäpli saklanyş belgisiniň ulanylyşy baradaky 7.1. bendinde göz öňünde tutulan bibatlyk yşyk duýdurmasyny şu aşakdaky ýagdaýlarda:

— ýol-ulag hadysasy bolanda;

— säginmek gadagan edilen ýerde mejbury saklanylanda;

— çyralaryň yşygy zerarly, sürüjiniň gözi gamaşanda;

— tirkeg alnanda, ýagny tirkege alnan ulagda;

— «Üsti çagaly ulag» diýen tapawutlandyryş belgili ulaglara çagalar mündürilende we olar düşürilende işletmegiň zerurdygyny ýatladýar.

Sürüji bibatlyk yşyk duýdurmasyny ulagyň döredip biljek howpy barada beýleki herekete gatnaşyjylara duýdurmak üçin başga ýagdaýlarda hem ulanyp biler.

Ýoluňyz ak bolsun, eziz watandaşlar!

***Orazmyrat TEJENOW,***
***Babadaýhan etrap polisiýa bölüminiň polisiýanyň ýol gözegçilik bölümçesiniň uly gözegçisi, polisiýanyň kapitany.***



**SAGLYGYŇ GADYRYNY BILGIN**

## Peýdaly maslahatlar



- Tomus paslynda günüň dowamynda howanyň derejesiniň üýtgäp we gyzyp durmagyny nazara alyp, kelläni ýaglyk, başgaplary bilen örtmeli;
- gözlere Gün şöhlesinden goraýan äýnekleri dakynmaly, saýawan ulanmaly;
- tomus paslynda daşardan öýe gelnende, sowadyjynyň garşysynda durmaly däldir;
- sagdyn we kadaly iýmitlenmeli. Adamyň immun ulgamy bedene witaminleriň, esasan hem A, B we D witaminleriniň ýeterlik düşmegi bilen baglydyr. Bularyň ählisi gök we bakja önümlerinde köpdür;
- derman serişdelerini, şol sanda antibakterial derman serişdelerini lukman bilen maslahatlaşman, özbaşdak ulanmaly däl;
- Saglyk döwlet ätiýaçlandyrmasyny baglanyşyp, döredilen ýeňilliklerden peýdalanyp, ýylda bir gezek ýurdumyzda hereket edýän şypahanalarda öz saglygyňyzy berkitmeli.

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.***

**ABADANÇYLYGYŇ GORAGYNDA**

# TEBIGATYŇ GÖZELLIGINI AÝALYŇ!

***Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy tebigatyň gözel ýerlerinde ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek barada öz maslahatlary bilen ýüzlenip, şulary ýatladýar.***

Ösüp oturan baglaryň arasyny haşal otlardan arassalap, hatar hem zolak aralarynda sürüm işleri geçirilmelidir. Ýangyn howpsuzlyk zolagyny döretmeli. Uly baglaryň şahalarynyňdyr pürleriniň howa arkaly geçirilen elektrik tok geçirijileri bilen galtaşýan ýerlerinde ýangyn howpy döremezligi üçin şahalaryny kesip, çäklerde işledilýän tehnikalaryň tüsseçykarlaryny uçgun söndüriş enjamy bilen üpjün edip, tehniki ýagdaýynyň gurat bolmagyny hemişe gözegçilikde saklamaly. Ýurdumyzyň tebigatynyň gözel ýerlerinde açyk ot ýakmak, çilim çekmek, söndürilmedik otluçöpi taşlamak, uçgun berijileri ulanmak, çüýşe gaplaryny, aýna böleklerini, zir-zibilleri, şeýle-de dürli görnüşdäki ýag siňen esgileri taşlap gitmek, çagalary gözegçiliksiz galdyryp, ot oýnamaklaryna ýol bermek, awtoulaglary ot-çöpli meýdanlara salmak, meýdanlarda awtoulaglara tehniki hyzmatlary geçirmek gadagan edilýär. Türkmenistanyň çägindäki eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, edara-kärhanalaryň, guramalaryň ählisi tebigatyň gözel ýerlerinde islendik işler geçirilende, ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini dürs berjaý etmäge borçludyr.

Biziň hemmämiz döwletimiziň gözel we baý tebigatynyň, onuň ösümlikdir haýwanat dünýäsiniň aýawly saklanyp, nesillerimize miras galdyrylmagyna jogapkärdiris. Tebigat biziň ählimiziň baýlygymyzdyr, ony goramak hem biziň ählimize baglydyr.

***Ýazmuhammet AKMEDOW,***
***Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýanyndaky Ýangyn howpsuzlygy müdirliginiň bölüm müdiri.***

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE**

# Parahatlyk

*(Hekaýa)*



— Gyýw, oglan, nobatdaky dynç alşa çykan bolsaň, beýdip ýatma-da, senem il ýaly dynç al. Dynç alanyňda şypahanalarda dynç alyp, saglygyňa seretdirseň, Oguz han atamyzyň gök börüsi ýaly çarýana ýortuberersiň — diýip, açyk gapynyň aňyrsynda dolan Aý ýaly bolup duran gelnim Aýşat degişme äheňinde gepledi.

— Bäh, Aýşat, nesilbaşymyz Oguz hanyň gök börüsi nädip ýadyňa düşüp ýör seniň? Oguz hanyň ähli ýeňişleriniň aňyrsynda gökden düşen gök böri durandyr. Ol hakda «Oguznamada» aýdylýar. Oguz han atamyz kowumlaryna bu jahanda iň bir mukaddes mirasy — parahatçylygy goýup gidipdir. Hemişe parahat ýaşamagyň sargydyny galdyrypdyr. Ylaýta-da, goňşular bilen oňşukly, ylalaşykly bolmagy ündäpdir. Ol parahat ýaşamakda ynsanyň güler ýüzli, hoşniýetli bolmagynyň zerurlygyny aýdypdyr. Şondan bolsa gerek, gadymy halkymyzda Oguz han atamyzyň ündän häsiýetleriniň ählisi-de bar — diýdim.

Meniň bu gürrüňimi eşidip, gelnim:

— Ýogsa-da, Goçgar, şu diýýäniňe men-ä ynanýan. Nesilbaşynyň diýenini edip halkymyz döwlet tapdy — diýip, çyny bilen gürledi.

— Aýşat, bilýäňmi näme?! Bir müň dokuz ýüz togsan bäşinji ýylda alan hemişelik Bitaraplygymyzam halkymyzyň hut şu ynsanperwer häsiýeti üçin berlendir.

— Goçgar, halkymyzyň ynsanperwerlik häsiýeti geçmişdäki taryhyň gatlarynda dur-da. Halkymyzyň häzirki häsiýeti bilen deňeşdirip görendirler. Şeýdibem, gadymyýetden bäri parahatçylygy berkarar etmek ýoluna düşen halkymyza asudalygy ýaýmaga mümkinçilik berlendir — diýip, orta mekdepde taryh mugallymy bolup işleýän gelnim Bitaraplygymyzyň köküni — gadymy çeşmesini aýdyň etdi.

Biz şol gün ýola düşdük. «Baýramaly» şypahanasynyň ýolunyň ugrundaky ak mermerli binalardan, gurlan ajaýyp desgalardan, giden ekinzarlyklardan gözümizi gandyryp, hezil edip lezzet alyp gitdik. Men ýolda barýarkak:

— Parahat, asuda, abadan ýurtdan diňe gözellik çogýar. Ilki, Garaşsyzlyga eýe bolduk, soňra-da Bitaraplyk alyp, diňe gurup, döredip ýörmek bilen meşgullandyk — diýdim.

Meniň bu buýsançly sözlerime häliden bäri dymyp gelýän sürüji-de badabat goşuldy:

— Menem ömrüme taksi sürüp gelýän. Ýurdumyz Garaşsyzlygyny alansoň, hemme zat gözümiň öňünde özgerdi. Bu ajaýyp ýollary diýsene, janyň höziri. Özem ozallar garşymdan ulag çykar diýen gorkusy bilen öwrümlerde örän ünsli bolup, ýorgalap geçmeli bolýardy. Häzir paýtagtymyzdan başlap, welaýatlaradyr etraplara çenli gurlan, ýollar iki ugurly, ýagny iki gatnawly hereketi üpjün edýär. Garşyňdan ýeke ulagam gelmez. Barýan ýeriňe näbelet bolsaňam, hiç kimden sorajak bolup oturma, ýoluň gyrasynda öňünden eýýäm habardar edýän ýol görkezijiler bar. Bu ýollaryň düşelişi hakda näçe aýtsaň aýdyp oturmaly. Bagtyýarlyk döwrümizde gurlan ýollaryň düşegi berk, gurluşygy ýokary hilli, ulanylýan serişdeler şeýle mäkäm, uzak ýyllar gatnamaga hyzmat edýär. Men-ä her gezek şu ýollara çykanymda Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş aýdýan. Şeýle bagtly zamananyň gadyryny bilip, diňe ýaşap, işläp ýörmeli.

Sürüji ulagyny biraz wagt sürenden soň, öňümizde bir ýaş ýigit peýda boldy. Ol taksini görüp, elini galdyrdy. Taksi onuň deňinde saklandy.

— Salawmaleýkim!

— Waleýkimessalam, ugur hanjak, ýigit?

— Şu golaýdaky obanyň deňinde düşürseň bolýar, agam.

— Mün, ýigit, ugurdaş bolsa bolýar-la. Derrewjik düşürip geçerin... Ýagşy ýigit, adyň näme?

— Parahat.

— Bä, seniň adyň bir zada-ha utgaşdyrylandyr öz-ä.

— Bir müň dokuz ýüz togsan bäşinji ýylyň on ikinji dekabrynda doglupdyryn. Kakam-ejem şoňa utgaşdyryp, Parahat diýip at dakypdyr.

— Parahatçylykdan gymmat beýik zat ýok. Bagtyýar halkymyzyň älem-jahany parahatçylyga öwürmek arzuwy, häzirki wagtda ähli halklary Türkmenistana jebisleşdirýär. Olar parahatçylygy berkarar etmegiň ebedilik ynamynyň binýadyny goýýarlar. Goý, parahatçylyk bolsun!

— Goý, şeýle bolsun! — diýip, biz hem ýerli-ýerden seslendik.

***Şöhrat MÜLKIÝEW,***
***Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň harby gullukçysy, maýor.***

BIZIŇ HUKUK DÖWLETIMIZDE KANUN MIZEMEZDIR WE ÄHLI ZATDAN ILERI TUTULÝANDYR.
ADALAT
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI
Gazet 1997-nji ýylyň 4-nji iýulyndan bäri neşir edilýär.

Indeksi — 69426. Gazetiň asyl nusgasy «Adalat» gazetiniň redaksiýasynda taýýarlanyldy we Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A-2, möçberi 4 sahypa. A-116962. Sany 20 000. Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär.
Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36. Bahasy 30 teňňe.
Gazet hepdäniň anna güni çykýar.
Baş redaktor Maksat NURYÝEW

Salgymyz: 744013, Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly - 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
Telefonlarymyz: kabulhana - 38-62-50/38-62-48 (faks), jogapkär kätip - 38-62-38, bölümler - 38-62-28, 38-62-75, hatlar bölümi - 38-61-52.
E-mail: adalat-gazeti@sanly.tm

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.
4 833001 500103
QR kod arkaly gazeti elektron görnüşde okap bilersiňiz.